
HEKAÝALAR
UMMANY

## MAZMUNY

Ýekelik ........................................................ 3
Baý kitaphana ........................................................ 9
Täze bäbejik gelýär ........................................................ 14
Baýramçylyk ........................................................ 20
Ýaryş ........................................................ 26
Okuwçylar dynç alşa çykýar ........................................................ 32
Pişik bilen syçanyň dostlugy ........................................................ 37
Guş ........................................................ 42
Akylly kitap ........................................................ 46
Oraz aga we onuň kesir aty ........................................................ 52
Gezegen bulut we Çary ........................................................ 55
Akylly eşek we at ........................................................ 60
Gaharjaň aýy ........................................................ 65
Baý we garyp ........................................................ 70
Kiçijik ýalan ........................................................ 78
Bir bulgur suw ........................................................ 84
Eziziň oýunjak hasasy ........................................................ 89
Kitaphana gorkusy ........................................................ 96
Kekene ........................................................ 101
Tebigy dökün ........................................................ 106



## ÝEKELIK

Soňky wagtlar Döwran özüni ýeke duýýardy. Aslynda onuň isleýäni hem şoldy. Döwran mekdebiň iň ökde okuwçysydy. Mugallymlarynyň hemmesi ony gowy görýärdi. Emma dostlary onuň bilen känbir gepleşmeýärdi. Oýnanlarynda-da, olar Döwrany aralaryna goşmaýardy. Bile bir ýere gitselerem, ony çagyrmaýardylar.

Ogullarynyň birnäçe gün bäri özüni ýeke duýýandygyny görüp, ata-enesi hem onuň okuw ýagdaýyny bilmek isleýärdi. Esasanam, ejesi Nurnabat gelneje oglunyň

aladasyny edýärdi.

Nurnabat gelneje:

– Saňa näme boldy, Döwran? Näme üçin keýpiň ýok?

Döwran:

– Hiç zadam bolanok. Diňe ýeke bolasym gelýär.

Nurnabat gelneje:

– Bolýar, oglum. Ýöne meniň bilen gürleşesiň gelse, ýanyma geläýgin, bormy?

Döwran:

– Bor, eje.

Nurnabat gelneje gapyny ýuwaşja ýapyp, otagdan çykdy. Aslynda, Döwranam ýeke bolmak islänokdy. Derdini gürrüň berer ýaly dost gözleýärdi. Ine, häzir onuň üçin şeýle pursat döräpdi. Şonuň üçinem, ol ylgap, ejesiniň ýanyna bardy.

Döwran:

– Eje, men saňa bir zat gürrüň beräýjekdim-dä...

Nurnabat gelneje:

– Diňleýän, oglum.

Nurnabat gelneje Döwranyň öňi-soňy öz ýanyna geljegini bilýärdi. Ol Döwrany gyssamagyň ýerine, hut özüniň gelip, derdini gürrüň bermegine garaşýardy.

Döwran:

– Gel, eje, oturaly.

Nurnabat gelneje:

– Bor, oglum.

Döwran:

– Eje, neme diýjekdim... mekdepdäki dostlarym maňa üns berenoklar.

Nurnabat gelneje:

– O nähili üns berenoklar?!

Döwran:

– Oýun oýnanlarynda, meni aralaryna-da goşanoklar.

Nurnabat gelneje:

– Düşündim, oglum. Mekdepdäki dost-

laryň sapaklary nähili?

Döwran:

– Aý, gaty gowy-ha däl. Sapak okaýyşlary pesräk.

Nurnabat gelneje:

– Sen sapaklaryňa taýýarlanyp, öý işleriňi edeniňde, olar näme diýýärler?

Döwran:

– Maňa «Alym boljak bolýaňmy?», «Okap kösenip näme etjek?!» ýaly ýaramaz sözleri aýdýarlar.

Nurnabat gelneje:

– A sen olara näme jogap berýäň?



Döwran:

– Hiç zadam diýemok, eje.

Nurnabat gelneje:

– Berekella, oglum. Şu aýtjak zatlarymy berk belle.

Döwran:

– Diňleýän, eje.

Nurnabat gelneje:

– Kämahal käbir adamlar bilen dost bolmazlyk gowudyr. Sen olar bilen ýakyn dost bolsaň, sapak okaýşyň peseler, peýdaly zatlary öwrenip bilmersiň. Netijede, sen zyýan çekersiň.

Döwran:

– Ýöne, eje, olar bile oýnaýarlar, aýlanmaga gidýärler... hezil edýärler!

Nurnabat gelneje:

– Sen daşyndan seredip, olaryň şu wagt hezil edip ýörüşlerine aldanma. Ine, hä diýmän okuwy gutararsyňyz welin, sen-ä hezil edersiň, olaram kösenerler.

Döwran:

– Indi düşündim, eje.

Nurnabat gelneje:

– Özüňi ýeke duýmagyn, oglum. Ejeň bilen kakaň seniň iň ýakyn dostuňdyr.

Döwran:

– Bor, eje.

Döwran ejesiniň ýanyndan gaýdanda, begenjinden ýaňa uçaýjak bolýardy. Indi özüni ýeke duýanokdy. Iki sany gaty gowy dostunyň bardygyna göz ýetiripdi. Hawa, ejesi bilen kakasy onuň iň ýakyn dostudy.



## BAÝ KITAPHANA

Döwranyň okaýan mekdebiniň ýekeje kemçiligi bardy – kitaphana. Mekdep müdiri Maksat mugallym hem bu ýagdaýdan habarlydy. Şonuň üçinem, ol bu barada ata-eneler ýygnagyny geçirmek isleýärdi. Ýygnagy şol günüň ertesi geçirmeli diýen karara geldi.

Ýygnak başlady.

Maksat mugallym ata-enelere:

– Men sizi kitaphanamyz barada gürleşmek üçin çagyrdym. Hawa, kimiň näme teklibi bar bolsa, eliňizi galdyryp aýdyberiň.

Ýygnak gitdigiçe uzaga çekýärdi. Hemmeler kitaplaryň azlygyna zeýrenýärdi, ýöne hiç kim çykalga tapanokdy. Ahyry, türkmen dili we edebiýaty mugallymy Halmyrat mugallym:

– Adamlar, meniň bir pikirim bar – diýdi.

Her kim onuň pikirine garaşýardy. Halmyrat mugallym:

– Birinjiden-ä, her birimiz öýümizden, bolmanda, bir kitap getireliň. Ikinjidenem, bu barada obamyzyň ýolbaşçysyna-da aýdyp göreliň. Belki olam bize kitap ýygnamaga kömek eder.

Maksat mugallym Halmyrat mugallymyň pikirini halady. Şol wagtyň özünde-de, mekdebiň gowy görülýän okuwçysy Döwrany ýanyna çagyrdy. Döwran ylgap geldi. Ýygnagyň geçirilýän ýerine gapyny kakyp girende, Maksat mugallym oňa:

– Döwran, hemme dostlaryňa we tanyşlaryňa aýt, mekdebimiziň kitaphanasyny baýlaşdyrjak bolýarys. Her kim elin-




den gelen kömegi etmeli – diýdi.

Döwran:

– Düşündim, mugallym. Men ilki bilen bu barada mekdebiň meýdançasyna bildiriş asaýyn – diýdi.

Maksat mugallym:

– Berekella.

Döwran:

– Mugallym, ilkinji kömegi, goý, mugallymlaryň özi etsin. Şonda okuwçylaram olardan görelde alarlar – diýdi.




Maksat mugallym Döwrany goldap:

– Hawa, hormatly ata-eneler! Döwran dogry aýdýar... Döwran, sen haýal etmän bildirişi as – diýdi.

Döwran:

– Bor, mugallym.

Döwran ikinji sapaga çenli bildirişi asdy. Ilkinji bolup kitap kömegini beren kişi türkmen dili we edebiýaty mugallymy Halmyrat mugallym boldy. Ol mekdebiň kitaphanasyna jemi iki ýüze golaý kitap sowgat etdi.

Döwran bir tarapdan mekdepde, bir tarapdanam obada kitap ýygnaýardy.

Mekdep müdiri Maksat mugallym bolsa kitaplary goýar ýaly tekje ýasadýardy.

Aradan bir hepde geçensoň, Döwran Maksat mugallyma ýygnan kitaplarynyň sanawyny berdi. Netije garaşylandan has gowy çykdy. Görüp otursalar, Döwran bir hepdede üç müňe golaý kitap ýygnan eken.

Onýança, kitaphana-da taýyn boldy. Maksat mugallym hem-ä begenýärdi, hem-de buýsanýardy.

Ol kitaphanany baýlaşdyrmaga kömek edenleriň hemmesine sagbolsun aýtdy. Soňra bolsa Halmyrat mugallym bilen Döwrany ýanyna çagyrdy. Kitaphana meselesinde uly ýardam berendikleri üçin, olaryň ikisine-de aýratyn sagbolsun aýdyp, minnetdarlyk bildirdi.



## TÄZE BÄBEJIK GELÝÄR

Döwran bagtly maşgalanyň ýeke-täk perzendidi. Öýde ýeke özi oýnaýardy, ýekelikden ýaňa içi gysýardy.

Günlerde bir gün Döwranyň ejesi Nurnabat gelneje bilen kakasy Merdan aga öýe uly begenç bilen geldiler. Döwran olaryň şatlygynyň sebäbine düşünmedi.

Döwran:

– Eje, siz nämä begenýäňiz?

Nurnabat gelneje:

– Maşgalamyz ýene biraz ulalýar, oglum. Şoňa begenýäris.

Döwran:

– Men-ä hiç zada düşünmedim.

Merdan aga:

– Bize myhman gelýär, oglum.

Döwran:

– Kim gelýär? Atam bilen enemmi?

Nurnabat gelneje:

– Ýok, oglum, saňa taý gelýär.

Döwran:

– Siziň aýdýan zadyňyza ýene düşünmedim-dä.

Merdan aga:

– Diýjek bolýanymyz, saňa jigi gelýär, oglum.

Döwran ahyry düşündi. Birbada näme etjeginem, näme diýjeginem bilmedi. Haýran galyp, bir salym dymyp durdy. Birdenem begençli gygyrdy:

– Gowudygyny!

Döwran indi ýeke däldi.



Döwran:

– Siz näme üçin beýdişip dursuňyz?!

Nurnabat gelneje:

– Näme boldy, Döwran jan?

Döwran:

– Tiz taýýarlyk görüp başlalyň, näme gerek bolsa alyşdyralyň.

Merdan aga:

– Dur entek, howlukma, oglum. Ýene alty aý bar ahyryn.

– Bolanda näme? Biz taýýarlyk görýänçäk, wagtam çaltjak geçip gider-dä.

Döwranyň diýşi ýaly boldy. Wagt çalt geçdi, bäbegiň doguljak güni örän ýakynlaşypdy. Ynha, bir gün garaşylmadyk ýagdaýda hassahana gitdiler. Olar hassahanada kän garaşmaly boldular.

Döwran:

– Kaka, indi näme etmeli?

Merdan aga:

– Buşlukly habara garaşmaly, oglum.

On minutdan soň bir lukman olaryň ýanlaryna geldi. Bäbejigiň hem-de Nurnabat gelnejäniň saglyk ýagdaýynyň gowudygyny, olary ýene iki sagatdan görüp biljekdiklerini aýtdy.

Iki sagat geçensoň, Döwran bilen Merdan aga Nurnabat gelnejäni hem-de täze doglan bäbejigi görmäge bardylar. Ikisiniňem saglygy gowudy.

Döwran:



– Eje, jigimiň adyny men dakaýaýyn?!

Nurnabat gelneje:

– Näme at dakasyň gelýär?

Döwran:

– Ady Batyr bolaýsyn!

Merdan aga-da, Nurnabat gelneje-de bu ady halady.

Merdan aga:

– Bolýar. Goý, jigiň ady Batyr bolsun!

Iki günden hassahanadan çykyp, öýlerine bardylar. Döwran kiçijik jigisiniň ota-

gyny we eşijeklerini taýýarlamak üçin ejesine kömek etdi.

Döwran diýseň bagtlydy. Ol indi ýeke däldi. Sebäbi onuň ýoldaşy – jigisi bardy.



## BAÝRAMÇYLYK

Döwran bu baýramçylykda öňkülerden has şadyýandy. Sebäbi indi onuň jigisi hem bardy. Batyrjygam ulalyp, ýöräp başlapdy.

Döwran jigisi Batyry gaty gowy görýärdi.

Onuň begenji az wagtdan hasam artjakdy. Sebäbi kakasynyň doganlary, daýy-daýzalary... hemme garyndaşlary olaryň öýlerine gelmelidi.

Döwran üçin baýramçylyk günleri ir bilen has gyzykly bolýardy. Sebäbi olaryň öýünde täze güni uly şatlyk bilen garşy alýardylar. Baýramçylyk mynasybetli gutlamak üçin öýlerine garyndaşlary hem geläýse, şol gün hasam hezil bolýardy.

Ilki uly agasy Ýagmyr aga bilen maşgalasy geldi. Olardan soň kiçi agasy, daýysy, kakasynyň hem-de ejesiniň aýal doganlary geldi. Şeýdip, öýüň içi adamdan doldy.

Bu baýramçylykda nähilidir bir üýtgeşiklik bardy. Hiç kim Döwrana öňküler ýaly üns berenokdy. Hemme kişi Batyrjygy gujagynda göterip, şonuň bilen oýnaýardy. Döwran muňa artyk çydap bilmän, öz otagyna gitdi. Bu bolýan zatlara daşdan seredip duran Ýagmyr aga Döwranyň nämeleri başdan geçirýändigini gaty gowy bilýärdi.

Şonuň üçinem, ol derrew Döwranyň ýanyna bardy.

Ýagmyr aga:

– Döwran jan, aýt hany, näme üçin seniň keýpiň ýok?

Döwran:

– Meniň-ä keýpim gowy.

Ýagmyr aga:

– Keýpiň gowy-ha däl, köşek. Göwnüme bolmasa, sen Batyry gabanan ýaly.

Döwran:

– Nämesini gabanaýyn-aý, Ýagmyr kaka?! Batyrdyr-da.

Ýagmyr aga:

– Kakaň doglanda, menem seniň ýaşlaryňdadym.

Seniň başyňdan geçenler meniňem başymdan geçipdi.

Döwran:

– O nähili?

Ýagmyr aga:

– Diýjek bolýanym, menem Merdany gaty gabanypdym.



Döwran:

– Näme üçin?

Ýagmyr aga:

– Sebäbi oňa şeýle bir üns berýärdiler, maňa bolsa barmysyňam diýenokdylar.

Döwran:

– Siz näme etdiňiz?

Ýagmyr aga:

– Öýden gaçdym!

Döwran:

– O nähili öýden gaçdyňyz? Soň näme boldy?

Ýagmyr aga:

– Has dogrusy, gaçjak boldum. Öýden çykyp barýarkam, kakam gördi.

Döwran:

– Gaty gaharlandy gerek?!

Ýagmyr aga:

– Ýok, maňa kiçiligimi gürrüň berdi. Kiçijikkäm, meni hem şeýdip gowy görüpdirler.

Döwran:

– O nähili?

Ýagmyr aga:

– Garaz, köşek, senem doglanyňda, şeýdip her kim seni gowy görüpdi. Ejeň bilen kakaň-a seni şu wagtam öňküleri ýaly gowy görýärler.

Döwran:

– Indi men näme etmeli?

Ýagmyr aga:

– Git-de, jigiň bilen oýna. Ol seniň jigiň ahyryn. Ýogsa-da, ol bu wagt seniň söýgiňe mätäçdir.

Döwran Ýagmyr kakasynyň aýdanlaryna düşünipdi. Jigisiniň ýanyna bardy-da, onuň bilen oýnap başlady. Şondan soň jigisini «gabanjak däl» diýip, özüne söz berdi. Baýramçylyk bu gezek hemişekilerdenem gyzykly geçdi.



## ÝARYŞ

Döwran eýýäm näçe wagt bäri bir ýaryşa taýýarlanyp ýördi. Welaýatdaky mekdepleriň arasynda geçirilýän bu bilim bäsleşiginiň geçirilýän güni golaýladygyça, Döwran hem-ä tolgunýardy, hemem has köp okaýardy.

Bäsleşige bir hepde galanda, mekdebiň müdiri Maksat mugallym Döwrany öz ýanyna çagyrdy.

Maksat mugallym:

– Ýagdaýlaryň gowumy, Döwran?

Döwran:

– Gowy, sag boluň, mugallym!

Maksat mugallym:

– Bilşiň ýaly, ýaryşa gaty az wagt galdy.

Döwran:

– Hawa, bilýän, mugallym.

Maksat mugallym:

– Tolgunýaňmy?

Döwran:

– Hawa, tolgunýan.

Maksat mugallym:

– Näme üçin tolgunýaň?

Döwran:

– Neme... bäsleşige mekdebimiziň adyndan gatnaşýandygym üçin.

Maksat mugallym:

– Hany, has düşnükli edip aýt bakaly.

Döwran:




– Diýjek bolýanym, eger ýeňiji bolup bilmesem, siziň, mugallymlarymyň we dostlarymyň ýüzüne men nädip seredeýin?!

Maksat mugallym:

– Aslynda menem saňa şony düşündirmek isledim.

Döwran:

– Düşünmedim, mugallym.

Maksat mugallym:

– Ýagny ýaryşda biz barada pikir etme. Şunam ýadyňdan çykarma: ýeňseňem, ýeňilseňem, biz seni gaty gowy görýäris.

Döwran:

– Düşündim, mugallym.

Maksat mugallym:

– Gidip bilersiň.

Maksat mugallymyň bu sözlerini eşidip, Döwran az-kem ynjaldy. Ýogsam arkasyna agyr ýük ýüklenen ýaly bolup ýördi.

Şondan soň birnäçe gün geçdi we ýaryş güni gelip ýetdi. Bäsleşik örän çekeleşikli başlady. Oňa gatnaşýan on dört mekdebiň dördüsi ikinji tapgyra saýlanmady.

Ýaryşdaky tolgunma barha artýardy. Ýene-de bäş mekdep indiki tapgyra geçip bilmedi. Döwran bolsa ýaryşyň soňuna golaýladygyça begenýärdi.

Ahyrynda iki mekdep jemleýji tapgyra çykmagy başardy – Döwranyň mekdebi hem-de başga bir mekdep.

Hemmeler şeýle bir tolgunýardy. Soňky soraga gezek ýetipdi. Tolgunma aňrybaş derejededi. Döwran şoňa çenli özüni ele alyp, asla aljyramazlygy başarypdy.

Şeýlelikde, soňky soraga bäsdeşi nädogry, Döwran bolsa dogry jogap berdi. Onuň arkasyndaky ýük indi doly aýryldy. Begenjiniň çägi ýokdy, edil şonuň ýaly-da



doly rahatlanypdy.

Döwran ylgap baryp, Maksat mugallyma sagbolsun aýtdy. Onuň birinji orny eýelemegine Maksat mugallymyň beren goldawy kiçijigem bolsa, juda täsirli bolupdy.



## OKUWÇYLAR DYNÇ ALŞA ÇYKÝAR

Okuw ýyly Döwrany ýadadypdy. Emma kän-kän üstünlikler hem gazanypdy. Ýene-de hemme sapaklaryndan bäşlik alypdy. Şonda-da Döwran tomusky dynç alyş möwsümini biderek geçirmek islänokdy. Dynç alyşda okar ýaly birnäçe kitap saýlamak isleýärdi. Şonuň üçinem, otagyna bardy-da, bir salym kitaplaryny görüşdirdi. Soňam kakasynyň ýanyna bardy.

Döwran:

– Kaka!

Merdan aga:

– Näme boldy, oglum? Nä beýle tolgunyp ýörsüň?

Döwran:

– Saňa bir zat aýdaýjakdym.

Merdan aga:

– Aýdyber, oglum.

Döwran:

– Ýaňy kitaplarymy görüşdirdim...

Merdan aga:

– Onsoň? Näme bolupdyr kitaplaryňa?

Döwran:

– Tomusda okar ýaly kitap saýlajakdym welin...

Merdan aga:

– Ýeri, onsoň?

Döwran:

– Tekjämdäki kitaplaryň hemmesini okapdyryn. Men indi näme kitap okaýyn?!

Merdan aga:

– Düşündim, oglum. Näme edeli?

Döwran:

– Şu gün senem işe gideňog-a. Täze kitap almaga gidäýeli.

Kitap dükanlaryna aýlanmagy we täze kitap satyn almagy Döwran juda gowy görýärdi. Kitaba bolan şeýle uly höwes onuň kakasynda-da bardy.

Merdan aga:

– Bor, oglum, hökman gideris.

Döwran:

– Men onda taýýarlanaýyn.

Merdan aga:

– Ejeňe aýt, olam biziň bilen gitsin. Batyr jana-da kitap alaly.

Döwran:

– Ýöne Batyr entek kitap okap bilenog-a?!

Merdan aga:

– Käbir kitaplary-ha oňa sen okap berersiň, galanynam suratly kitaplardan

saýlarys.

Döwran:

– Suratly kitaplar Batyra näme üçin gerek?

Merdan aga:

– Içindäki suratlara seredip, jigiňem şol ýerdäki zatlaryň adyny öwrensin-dä, oglum.

Döwran:

– Düşündim, kaka. Men derrew gideýin-de, ejeme habar bereýin.

Döwran ylgap, ejesiniň ýanyna bardy. Oňa-da taýýarlanmalydygyny aýtdy. Batyrjygy geýindirip taýýarlamak üçin ejesine kömek etdi.

Döwran:

– Eje, Batyra aljak kitaplaryňyzy saýlamaga menem kömek edäýeýin?!

Nurnabat gelneje:

– Elbetde, oglum.

Döwran muny eşidip, hasam begendi. Hem-ä özüne kitap aljakdy, hemem jigisine kitap saýlaşjakdy.

Taýýar bolanlaryndan soň, olar kitap dükanlaryna aýlanyp başladylar. Döwran tomusky dynç alyş möwsümi üçin özüne kitap alýardy. Dogry, tomusda dynjam almalydy, ýöne tutuşlygyna boş hem geçirmeli däldi.

Kitap dükanlaryna aýlanyp-aýlanyp, ahyry öýlerine bardylar. Döwran özüniň we jigisiniň kitaplaryny öz otagyna alyp gitdi. Bu tomus örän gyzykly we peýdaly geçmelidi.



## PIŞIK BILEN SYÇANYŇ DOSTLUGY

Bilşiňiz ýaly, pişikler bilen syçanlar hemişe biri-birine duşman bolýar. Pişig-ä syçan görse, kowalaýar, syçanam pişik görse, gaçýar. Saryja atly pişik bilen Tokarja atly syçan, munuň tersine, gaty gowy dost. Hemme haýwanlar ol ikisini gaban-

ýar. Hatda bir gün pişikleriň hojaýyny Saryjany ýanyna çagyryp, şeýle diýipdir:

– Gulak as, Saryja, seniň bi syçan bilen dost bolup ýörmegiň-ä saňa gelşenok.

Saryja:

– O nähili gelşenok, hojaýyn?! Pişikler bilen syçanlar dost bolubam biler ahyryn.

Pişikleriň hojaýyny:

– Gulak as, seniň o syçan dostuň saňa ýamanlyk edende, beýleki pişikler saňa ýüz bermezler! Aýtmady diýme!

Saryja:

– Etmez, hojaýyn! «Dostuň könesi, donuň täzesi» diýipdirler. Belki biz pişikleriňem haçan-da bolsa bir wagt syçanlara günümiz düşer.

Pişikleriň hojaýyny:

– Bar, ötägit, Saryja! Seniň bilen entek bize işiň düşende görşeris.

Saryja:

– Bor, hojaýyn.

Saryja şeýdip hojaýynlarynyň huzuryndan çykyp, göni dosty Tokarjanyň ýanyna bardy. Tokarjanyňam hiç hili keýpi ýokdy.

Saryja:

– Tokarja, saňa näme boldy?

Tokarja:

– Meni syçanlaryň hojaýyny çagyrdy.

Saryja:

– Näme diýdi?

Tokarja:

– Pişikler bilen syçanlaryň hiç haçan dost bolup bilmejekdigini aýtdy.

Saryja:

– Menem şu wagt pişikleriň hojaýynynyň ýanyndan gelýän. Olam maňa saňa aýdylanlary aýtdy.

Tokarja:

– Indi biz näme ederis?

Saryja:

– Olara gulak asmarys. Dostlugymyza galarys.

Saryja bilen Tokarja dostlugyny dowam etdiripdir. Bile oýnap, heziller edipdirler. Ol ikisine her kimiň gözi gidipdir. Emma hojaýynlaryndan çekinýändikleri üçinm hiç kim olar ýaly dost bolup bilmändir. Ine, bir günem pişikleriň hojaýynyny it kowalapdyr. Hojaýyn çaltlyk bilen agajyň ýokarsyna çykmaga çalşypdyr, emma aýagy iki şahanyň arasynda galypdyr. Näçe jan etse-de, aýagyny çykaryp bilmändir. Muny eşiden Tokarja bilen Saryja derrew kömek etmäge gidipdir.

Bärden barsalar, it agajyň aşagynda entegem garaşyp duran eken.

Saryja itiň öňünden geçip, ony yzyna tirkäp alyp gaýdypdyr. Tokarja bolsa agaja çykyp, hojaýynyň aýagynyň galan şahasyny gemrip, ony halas edipdir. Saryja hem itden sypandan soň, olaryň ýanyna gelipdir.

Pişikleriň hojaýyny:

– Saryja, men sizden ötünç soraýan. Siz barada aýdan zatlaryma gaty ökünýän.

Saryja:

– Zyýany ýok, hojaýyn.

Pişikleriň hojaýyny:

– Tokarja, saňa-da sagbolsun aýdýan.

Tokarja:

– Hökman däl-le, hojaýyn. Men Saryjanyň dosty. Size kömek etmek meniň borjum ahyryn.

Bu wakany hemme pişikler, ähli syçanlar eşidipdir. Pişikler bilen syçanlar ýaraşypdyrlar-da, şondan soň dost bolup ýaşapdyrlar.



## GUŞ

Aman uly höwes bilen oýandy. Turşuna-da aýnanyň öňüne ylgady. Birnäçe guş penjiresiniň öňünde göçüşip-gonuşyp ýördi. Ýöne guşlaryň biri owadan tüýleri bilen beýlekilerden tapawutlanýardy. Aman ýuwaşlyk bilen guşuň golaýyna bardy-da, ony bir towsanda tutdy. Tutan badyna-da otagyndaky boş duran kapasa saldy.

Guşjagaz şeýle bir çyrpynýardy. Onuň bolşy hamala: «Meni bu ýerden çykar! Erkinligimi elimden alma!» diýýäne meňzeýärdi. Emma Aman guşjagazy gorkusyna çyrpynýandyr öýtdi. Soň ylgap, ejesiniň

ýanyna bardy:

– Eje! Eje!

– Hä, näme boldy, oglum?

– Bärik gel. Saňa bir zat görkezjek.

– Näme görkezjek?

– Ýokaryk çykaly, onsoň görersiň.

Amanyň ejesi Mähri gelneje derrew oglunyň otagyna bardy. Kapasadaky guşy görüp, geň galdy:

– Oglum, guşy beýtmeli däl ekeniň. Çaltjak uçuryp goýber.

– Ýöne, eje... Owadan-a... Öýümizi bezärdi-dä...

– Ýöne özi bagtly bolup bilmez!

– Wagtyň geçmegi bilen öwrenişer-dä...

Edil şol wagtam Amanyň kakasy Sapar aga geldi. Olam guşy görüp geň galdy.

Mähri gelneje:

– Amana gaharlanmaweri. Ol entek çaga. Nämäniň nämedigine heniz düşünenok –



diýdi.

– Ýok, gaharlanamok. Men oňa diňe guşuň ýagdaýyny düşündirjek.

Kakasy Amanyň otagyndan çykdy-da, gapyny daşyndan gulplady. Aýalyna-da gapyny diňe nahar wagty açmagy tabşyrdy.

Bir-iki sagatdan soň Aman gapyny kakyp ugrady:

– Haýyş edýän, gapyny açaýyň! Bu ýerde meniň içim gysýar!

Kakasy:

– Ýok, oglum. Sen içerdekäň biz daşarda hezil edýäris.

– Ýöne meniň içim gysýar-a...

– Wagtyň geçmegi bilen öwrenişersiň!

Aman ýalňyşyna şol bada düşündi. Gynandy. «Diýmek, guşam özüni şeýle duýýan bolmaly» diýip pikir etdi.

– Bolýar, kaka. Guşy goýberjek. Söz berýän.

– Indi düşündiňmi guşuň ýagdaýyna?

– Gaty gowy düşündim...

Kakasy gapyny açdy. Aman otagdan çykyşyna, kapasanyň agzyny açdy. Guş yzyna-da öwrülmän uçup gitdi.



## AKYLLY KITAP

Kitaphanada ol özüni ýalňyz duýýardy. Çagalaryň hiç birem indi onuň ýanyna baranokdy. Olam ýekelikden ýadapdy. Kompýuter we internet ulgamy çagalaryň dünýäsine gireli bäri, olar kitaplaryň

ýüzüne-de seredenokdy.

Kitaphananyň içinde özüçe gygyrdy:

– Uf! Erbet içim gysýar...

– Meni okajak ýokmy?!

– Içimdäki maglumatlar bilen gyzyklanýan adam barmy?!

– Indi bärik hiç kimiň ýoly düşmezmikä?!

Kitaphananyň beýleki tarapynda duran bir garryja kitap seslendi:

– Biderek kösenme, seni hiç kim eşitmez Men bärde näçe ýyl bäri durun, indi bu ýerlere geljek ýok – diýdem welin, kitaphananyň tozan basyp giden gapysy jygyldap açyldy. Içerik ýaşajyk bir mugallym girdi.

– Salam, söýgüli kitaplar! Mugallymym siziň maňa durmuşy öwretjekdigiňizi aýdypdy. Akylly kitap haýsyňyz bolýaňyz? Maňa hemme zady şol öwretjekmiş.

Ýaş mugallymyň soragy jogapsyz galdy. Onuň muňa jany ýandy. Soň ýene seslendi:

– O-how, kitaplar! Sessiz oturmaň-da,

maňa akylly kitaby görkezseňizläň!

Birnäçe minutlap dowam eden sessizlikden soň, ahyry kitaplaryň arasyndan bir ses geldi:

– Biz bu ýerde näçe ýyl bäri hiç hili ynsan sesini eşidemzok. Geň gördük!

– Akylly kitap – men. Seniň mugallymyň dogry aýdypdyr. Saňa hemme zady öwrederis, ýöne biziňem bir islegimiz bar.

Ýaş mugallym:

– O nähili isleg?

Akylly kitap:

– Kän wagt boldy, bärik ýekeje çaga-da gelenok. Sen bu ýere çagalary getir. Biz olara-da bir zatlar öwredeli.

Ýaş mugallym:

– Hä... Çagalar näme üçin gelenok?

Akylly kitap:

– Çagalar indi telewizoryň, kompýuteriň başyndan turanoklar. Ana, şonuň üçinem gelenoklar.

Ýaş mugallym:

– Men näme edip bilerin?

– Sen mugallym ahyryn, çagalara biziň peýdalarymyz hakda aýdyp ber. Şonda seni diňlärler.

– Aýdanlaryňyza düşündim. Men derrew bu zatlaryň ugruna çykaýyn.

Ýaş mugallym işleýän mekdebine baryp, sapaga giren badyna okuwçylara, jan edip, kitap barada gürrüň bermäge başlady:

– Çagalar, aramyzda näçe kişi kitaphana gidýär? Indi hiç birimiz kompýuter bilen telewizoryň başyndan aýrylyp bilemzok. Kitaplary düýbünden ýatdan çykardyk. Geliň, şu gün hemmämiz üýşüp, kitaphana gideliň. Goý, her kim bir kitap alsyn-da, okasyn!

Okuwçylar mugallymyň teklibine haýran galdylar. Kitaphananyň içiniň nähilidigini hem bilesleri gelip, içleri byjyklap durdy. Şonuň üçin, olaryň arasynda bu teklibe garşy çykan bolmady.

Ýaş mugallym:

– Onda ýörüň, kitaphana gidýäris.

Kitaphanadaky kitaplar bolsa şol wagt öz aralarynda gürleşýärdiler:

– Ýaş mugallym bärik hiç kimi getirip bilmese näme?!

– Ýene bäri tozan basyp ýatmaly bolaýarmyka?!

Akylly kitap söze goşuldy:

– Ýok, ýok. Mugallym çagalary hökman getirer. Bizem öňki bagtly günlerimize dolanyp bararys.

Öz aralarynda gürleşip otyrkalar, ýene-de kitaphananyň gapysy jygyldap açyldy. Ilki bilen içerik ýaş mugallym girdi. Onuň yz ýany bilenem okuwçylar girdi. Kitaphananyň içi okuwçydan ýaňa hyryndykyn doldy.

– Baý-bow! Şu taýy kitaphana diýilýän ýermi?

– Bärdäki kitaplaryň köpdügini!

– Öň näme üçin gelmedikkäk?!

– Bärde giden maglumat-a bardyr?!

Kitaphanadaky kitaplaram begendiler.

Akylly kitap ýaş mugallyma:

– Sen sözüňde durduň, indi meniň gezegim.

Ýaş mugallym:

– Maňa diňe okuwçylarym bilen nähili gürleşmelidigimi öwret!

Akylly kitap:

– Olary bärik getirip, başyny-ha dogry başladyň.

Şeýdip, ýaş mugallym akylly kitaby diňlemäge durdy.



## ORAZ AGA WE ONUŇ KESIR ATY

Oraz aganyň bir kesir aty bardy. Ol ony kiçilikden seýisläp gelýärdi. Emma olam indi ýadapdy. Mekan bolsa atasy Oraz aganyň bu ýagdaýyna gynanýardy.

Mekan:

– Ata, näme üçin beýle gynanýaň?

Oraz aga:

– Görýäň-ä, Mekan jan. Bu at gaty kesir. Ýanyna hiç kimi eltenok.

Mekan:

– Ata, ol näme üçin beýle kesir?

Oraz aga:

– Şonuň sebäbine menem düşünemok.

Mekan:

– Belki erkin ýaşamak isleýändir. Näme üçin daňyp saklajak bolýaňyz?

Oraz aga:

– Seniň aýdýanyň dogry öýdýän, oglum. Emma biz ony gowy görýäris. Onsoňam, atlar adamlaryň işlerine kömek edýärler ahyryn.

Mekan:

– Men saňa düşünýän, ata, ýöne ata-da düşünmeli ahyryn.

Oraz aga agtygy Mekanyň aýdanlary bilen doly ylalaşýardy. Sebäbi onuň erkinligini elinden alyp, kiçijik otaga gabap goýupdylar.

Oraz aga:

– Sen dogry aýdýaň, oglum. Ýör, gidelide, aty boşadaly.

Mekan:

– Bor, ata.

Oraz aga bilen Mekan ikisi aty boşatmak üçin ýataga bardylar. Ýöne haýran galaýmaly bir zat bolupdyr. Görseler, at ýüpüni üzüpdir-de, gaçyp gidiberipdir.



## GEZEGEN BULUT WE ÇARY

Asmandaky şo-ol bulut nireden gelip, nirä barýarka? Onuň gezip görýän ýerleri, gör, nähili täsindir... Meniňem uzak diýarlara gidesim gelýär. Başga ýurtlardaky adamlar bilen tanyşmak, bärde görmedik ösüm-

liklerimi, haýwanlarymy görmek isleýärin. Ana, şol bulut meniň diýýän ýurtlarymy hökman bilýändir.

– E-eý, bulut! Menem öz ýanyň bilen alyp gidäý!

Meniň adym Çary. Men sekiz ýaşymda. Köp zady bilesim gelýär. Esasanam, başga ýurtlara gidip görmek isleýärin. Mekdepde mugallymlarymyň, öýde ejem bilen kakamyň öwredýän zatlary maňa ýetenok.

– E-eý, gezegen bulut! Barýan ýeriňe menem äkidäý!

Bulutlar maňa jogabam berenoklar!

Ahyry bir jogap eşidildi:

– O-how, çagajyk! Sen näme üçin gygyrýaň? Saňa bizden näme gerek?

– Başga ýurtlara gidip göresim gelýär. Haýyş edýän, menem alyp gidäýiň-dä...

Bulut:

– Bolýar. Men häzir aşagrak süýşerin

welin, üstüme mün, bolýarmy?

– Bor, münerin.

Böküp mündüm. Bulut azajyk çaltlanyp başlady.

– Tanyş bolaly, meniň adym Çary.

Bulut:

– Tanşanymyza şat, Çary. Meniň adym Akbulut.

Men:

– Nirä barýarys, Akbulut?

Akbulut:

– Häzir seniň bilen Hindistana gideris.

Men:

– Hindistana diýýäňmi? Men öňden bäri şol ýere gidip görmek isleýärdim.

Akbulut:

– Hawa, biz eýýäm ýetip barýarys. Häzir seni hol ýerde düşürjek. Soň ýene şol taýda mündürerin. Şoňa çenli islän ýeriňe aýlanyber.

Men:

– Bolýar, häzirlikçe sag bol!

Akbuludyň düşüren ýerindäki adamlaryň arasyna goşuldym. Bu ýerde sygyrlary mukaddes hasap edýän ekenler. Olara gaty uly hormat goýýarlar.

Onsoň, bu ýerde Gang diýen derýa-da bar. Adamlar şonuň suwuna ýuwnup, günälerinden saplanýarmyş.

Gang derýasyndan soň Täç Mahala gitdim. Ony XVII asyrda Jahan şa saldyrypdyr.

Şähere biraz aýlananymdan soň, Akbuludyň meni düşüren ýerine bardym. Sebäbi ol meni mündürip alyp gaýdan ýerine eltip düşürmelidi.

Soň Akbulut geldi-de, meni alyp gitdi.

Akbulut:

– Aýdyp otur, Çary! Bu ýerleri neneň gördüň?

Men:

– Bärleri gaty üýtgeşik eken. Men kän zat öwrendim. Olar barada, öýe baramsoň, bellik depderime-de ýazjak.

Akbulut bilen eden gezelenjimiz örän gyzykly boldy. Meni düşürende, «soň ýene gezmäge gideris» diýip ylalaşdyk-da, hoşlaşdyk.



## AKYLLY EŞEK WE AT

Ýatakda diňe eşek bilen at bar eken. Eşek öýüň ýeňil işlerini edýär, agyr işler bolsa atyň paýyna düşýän eken. Işlerini dynan-soň, eşek ýataga gelip, hezil edip dynç alýarmyş. At bolsa ýadawlykdan ýaňa zordan ýataga ýetip, derrew uklap galýarmyş. Eşek ýatakda özüniň mekirligi we akyllylygy bilen öwünýän eken.

Eşek:

– Eşidýäňmi, at dost? Senem meniň ýaly akylly bolsadyň, beýdip işläp kösenip, ysgyndan gaçyp ýörmezdiň.

At:

– Seniň edýän işleriň ýeňil bolmagy

akyllylygyň sebäpli däl-de, eşek bolanyň üçin.

Eşek:

– Aý, onuň üçin-ä däl. Men işden gaçmagy başarýan.

At:

– Meni diňle, eşek dost! Sen, gowusy, meniň gadyrymy bil.

Eşek:

– O näme üçin?

At:

– Eger maňa bir zat bolaýsa, hemme işi sen etmeli bolarsyň.

Eşek:

– Ha-ha-ha! Maňa hiç zadam etdirip bilmezler.

At:

– Maňa bir zat bolanda, görersiň.

Eşek:

– Görübereris.



Şu gürrüňlerden birnäçe gün geçensoň, at ýadawlykdan ýaňa tapdan düşüp syrkawlaýar. Hiç işe ýaramaýar. Şeýdip, eşegiň gorkan güni başyndan inýär. Öýdäki işleriň hemmesi eşegiň üstüne atylýar. Eşek uzakly gün işleýär. At bolsa ýatakda syrkawlygyň hözirini görüp ýatyberýär. Agşam düşende, eşek ýadawlykdan ýaňa öler ýaly bolup ýataga gelýär.

At:

– Nätdi, eşek? Işden gaçyp bildiňmi onsoň?

Eşek:

– Ýok bol, azar berme! Bu gün paşmady,

ýöne ertir hökman meniň diýenim bolar.

Ertesi gün hojaýyn eşegi ýene-de işlemäge äkidýär. Günuzyn adatça atyň edýän işlerini edýär. Emma nätse-de işden gaçyp, gutulyp bilmeýär. Agşam düşende, eşek ýene-de ýadawlykdan öler ýaly bolup ýataga gaýdyp gelýär.

At:

– Hawa, eşek, aýt hany. Bu günem bolmady gerek?

Eşek:

– Wah, nädeýin? Hojaýyn ýanymdan aýrylanog-a... Emma ertir-ä arzuwyma ýeterin.

Ertesi gün eşek işlemäge gidip, ýene-de niýeti paşman dolanyp gelýär. Agşam ýataga baranda, ýadawlykdan ýaňa jany üzülere gelýär.

At:

– Näme boldy-haw, eşek? Ýene bolmadymy?!

Eşek:

– Hawa. Seniň nähili kösenýändigiňe men indi düşündim.

At:

– Saňa geregi şoldy.

Eşek:

– Mundan beýläk her işde saňa menem kömek etjek.

Hä diýmän, atyňam ýagdaýy gowulanýar. Eşek sözünde durup, ata kömek edip başlaýar. Şondan soň ne at, ne-de eşek öňküsi ýaly ýadamaýar.



## GAHARJAŇ AÝY

Sengi örän gaharjaň aýydy. Çala zada gyzyberýärdi. Her kim onuň bilen gürleşmäge-de çekinýärdi. Çalt gaharlanýandygy üçin, köp aýy bilenem arasy gowy däldi.

Öýde-de Sengi bilen hiç kimiň gepi

alşanokdy. Ejesi onuň öte gaharjaňlygyndan zeýrenýärdi. Kakasy bolsa onuň näme üçin beýle gaharjaňdygyny anyklamaga çalyşýardy. Bir gün kakasy ony günuzyn göz astynda saklamagy ýüregine düwdi. Öz ýanyndan «Göreli hany, bu gün nämejikler ederkä?!» diýdi.

Dostlary Mumu, Kezgin we Jadi Sengini öz ýanlaryna çagyrdy. Bile gözdaňdy oýnajakdylar. Olardan başga-da üç-dört sany aýyjyk gelensoň, bije atyşdylar.

Ilkinji eşşi Kezgin boldy. Az wagtdan:

– Jadi, tutdum, indi sen eşşi!

Jadi:

– Hawa, dogry aýdýaň, tutuldym. Indi eşşi men.

Kezgin:

– Gel, gözleriňi daňaly-da.

Jadi:

– Bol, daň! Sengi, häzir seni tutuşyma seret!

Sengi:

– Näme diýjek bolýaň? Näme üçin meni tutjak, hä?!

Jadi:

– Oýun etdim, Sengi. Gaharlanmasana!

Sengi:

– Ýok, sen oýun etmediň. Şondanam bir oýun bormy?!

Mumu:

– Jadi seniň bilen çyndanam oýun etdi, Sengi. Näme üçin derrew gaharlanýaň?

Sengi:

– Ýok, siziň hiç haýsyňyz meni gowy göreňzok. Men-ä siziň bilen oýnajagam däl.

Mumu:

– Bizar etdiň-aý, Sengi! Oýnamasaň, oýnaman geç!

Şol wagtam Senginiň kakasy geldi. Sengi ylgap bardy-da, kakasyny gujaklady. Bolan zatlary gürrüň berdi. Kakasy oňa:

– Beýdip gaharlanar ýaly hiç zat ýok ahyryn. Biderek ýere dostlaryň göwnüne degipsiň.

Sengi:

– Ýöne, kaka...

Kakasy:

– Maňa gulak as! Görýäňmi, dostlaryň senden gaty gördüler... Gahar edip, hiç zat utmarsyň. Käte giňräk bolmagy hem başarmak gerek!

Sengi:

– Onda gelip, maňa «bagyşla» diýsinler. Men olar bilen şonda ýaraşaryn.

Kakasy:

– Ýok, günäkär seniň özüň. Şonuň üçinem, git-de, sen ötünç sora!

Sengi:

– Bor, kaka, düşündim.

Kakasy:

– Diňle, Sengi, kän we çalt gaharlanmak

zyýanlydyr. Giň we geçirimli bolmagy başar! Sen çalt gaharlanýaň-da, her kimiň göwnüne degýäň. Mundan beýläk, gaharlanmajak bol!

Sengi:

– Düşündim, kaka.

Kakasy:

– Indem git-de, dostlaryňdan ötünç sora. «Menem siziň bilen oýnaýaýyn» diý.

Sengi kakasynyň aýdanlary barada pikirlenip, dostlarynyň ýanyna bardy-da, ötünç sorady. Soňam gaharlanman, akyllyja bolup oýnady.



## BAÝ WE GARYP

Bir tüçjar baý adam bar eken. Onuň birgiden jaýy, kärhanalary, ulaglary, hatda özüniň uçary hem bar eken. Ol örän baý bolup, islän zadyny edinip bilse-de, hakyky bagty tapyp bilmändir. Sebäbi daş-töweregindäki adamlaryň ählisi ony diňe baý bolany üçin gowy görýän eken. Ol bolsa hakyky dosty bolmanlygy sebäpli, hakyky bagta ýetip bilmän ýören eken.

Bu baý adam bir gün özüne hakyky dost gözläp tapmagy ýüregine düwüpdir. Munuň üçin näme etmelidigi barada

pikirlenip başlapdyr. Ahyry kellesine bir pikir gelipdir. Özüni garyp ýaly görkezip, adamlardan kömek soramakçy bolupdyr. Garyp-gasardyr öýdüp, özüne kömek edenler bilen dost bolmak isläpdir.

Bir gün agşam eleşan geýnip, köçä çykypdyr. Köçelerde gezip ýörkä, owadan jaýa gözi düşüpdir. Öz ýanyndan:

– Şu owadan öýe gideýin-de, pul diläýin – diýip pikir edipdir.

Soňra gidip , gapyny kakypdyr. Gapyny bir aýal açypdyr. Ol baýyň köne-küşül eşiklerini görüp, ony dilegçidir öýdüpdir. Baý entek agzynam açmanka:

– Biziň dilegçä berer ýaly pulumyz ýok. Bar, başga gapa git – diýip, onuň üstüne gygyryp goýberipdir.

Soň baý ol ýerden gaýdypdyr. Köçelerde gezip ýörkä, öňünden başga bir ullakan, owadan jaý görüpdir.

– Şu jaýdakylardanam kömek sorap göreýin – diýip pikir edip, haýal etmän,

gapyny kakypdyr. Bu gezegem bir adam çykypdyr-da:

– A-haw! Gijäniň bir wagty näme işläp ýörsüň?! – diýip käýinipdir. Baý:

– Men örän aç we ýatara ýerim ýok. Haýyş edýän, şu gije sizde myhman bolaýaýyn – diýip, ýalbarmaga başlapdyr.

Gapyny açan kişi muňa has-da gaharlanyp:

– Owarra bol, nirede ýatsaň, şonda ýat! Bizi bir biynjalyk etme – diýip, baýa yrsarapdyr.

Baý alaçsyz ol ýerdenem gaýtmaly bolupdyr. Baý şol gije ençeme jaýyň gapysyndan barypdyr. Gaty kän öýden kömek sorapdyr, emma hemmesinden kowlup gaýdypdyr.

Ol:

– Adamlar, gör, nähili erbet bolupdyr... Meni garypdyr öýdüp, hiç kim kömegem edenok – diýip pikir edipdir. Bu ýagdaýa örän gynanypdyr.

Baý soňam köneje eşiklerini geýip, köçeme-köçe aýlanypdyr. Öýleriň gapysyny kakyp, kömek sorapdyr, emma hiç kimden netije bolmandyr. Ol şeýdip bir hepde geçiripdir.

Baý bir hepdeläp her gün agşam özüni garyp hökmünde görkezip, adamlardan kömek sorapdyr, emma kömek etjek ýekeje kişem tapylmandyr. Baý hakyky dost tapynmak baradaky umydyny üzäýmeli bolupdyr. Iň soňky gezek ýene bir gije köçä çykyp, kömek soramagy we dost gözlenmegi ýüregine düwüpdir.

Ýene-de tutuş gije ýatman gezipdir, ýöne ol gije-de oňa hiç kim kömek etmändir. Baý doly umydyny üzüpdir. Gynançly ýagdaýda oý-pikire batyp, öýüne barýarka, öňünden bir adam çykypdyr. Onuň garypdygy daşyndan belli bolup durmuşyn. Garyp baýdan:

– Seniň ýagdaýlaryň gowumy?! Gaty gussaly görünýäň. Näme derdiň bar? – diýip sorapdyr.

Baý hem:

– Bir derdim-ä bar. Men örän aç. Ýatmaga ýerimem ýok. O gapydan bu gapa aýlanyp, adamlardan kömek soradym, emma hiç kim maňa kömek etmedi – diýipdir.

Garyp bolsa:

– Ýör, meniň öýümde myhman bol! Öýümiň ýagdaýy gaty gowy däl. Gowy-gowy iýgi-içgi hem hödürläp bilmerin. Aýalym bilen oňardygymyzdan ýaşap ýörüs. Saňa-da ýatmaga ýer, iýmäge bir-iki döwüm çöreg-ä bereris – diýipdir.

Baý öňünden çykan bu adamyň teklibini derrew kabul edipdir. Öýe baranlarynda, olary garybyň aýaly garşy alypdyr. Garyp aýalyna ýüzlenip:

– Bu gije myhmanymyz bardyr. Garny aç eken. Çorbajyk taýýarlaweri – diýipdir.

Garybyň aýaly wagt ýitirmän çorbany bişirip, myhmana hödür edipdir. Baý hem-ä şol gije, şeýle hem ondan soňky iki gije garyp adamyň myhmany bolupdyr. Garyp



myhmanyny örän gowy garşylapdyr. Onuň bilen içgin gyzyklanypdyr. Biri-birine ýakyn dost bolupdyrlar. Baý onuň öýünde üç gije ýatyp, ertesi gün gitmek isleýändigini aýdypdyr, ýöne garyp bilen aýaly baýyň ýene biraz ýanlarynda bolmagyny isläpdir. Emma baý gitmekligi ýüregine

düwen eken. Şondan soň garyp:

– Kyn ýagdaýa düşseň, arkaýyn bize gelibergin – diýip, baýy ugradypdyr.

Baý özüne hakyky dost tapanyna diýseň begenipdir. Aradan birnäçe gün geçenden soň, baý ýene-de garybyň öýüne barypdyr. Ol ýerde birnäçe gün myhman bolupdyr. Garyp bilen aýaly onuň baýdygyny bilmän, ýene kän hezzet-hormat edipdirler. Onuň bilen has gowy dost bolupdyrlar. Şondan soň baý täze dostunyň ýanyna gatnap başlapdyr. Her gezeginde-de köne eşiklerini geýip barypdyr. Hut, şol sebäpden garyp bilen aýaly onuň baýdygyny hiç hili aňmandyr.

Baý indi garyp bilen aýalyna hakykaty aýtmaly diýen karara gelipdir. Ine, bir günem iň gowy eşiklerini geýip, iň gowy awtoulagyna münüp, garybyň öýüne barypdyr. Garyp bilen aýaly baýy garşylanlarynda, bu ýagdaýy görüp haýran galypdyrlar. Baý olara hemme zady bolşy ýaly gürrüň beripdir. Baý garyp

bilen aýalyna:

– Siz ikiňiz meniň hakyky dostum. Meni baýlygym sebäpli däl-de, adam bolanym üçin söýüp-sylap, maňa ýakyn dost bolduňyz. Mundan soňam siz meniň hemişelik dostum boluň – diýipdir.

Garyp bilen aýaly bolsa:

– Elbetde, biz seniň hemişe-de dostuň bolarys. Islän wagtyň öýümize gelip, bize myhman bolup bilersiň – diýipdirler.

Garyp bilen baý örän gowy dost bolupdyrlar. Bu bolan zatlardan soň baý bir ýerde bir garyp görse, kömek edipdir. Baýyň bu ýagdaýyny gören öňki dostlary we beýleki tanyş-bilişleri çyndan söýmegiň näme diýmekdigine düşünipdirler.




# KIÇIJIK ÝALAN

Jahan kitaphana gatnap, okuwdaky başarjaňlygyny hasam artdyrmaga çalyşýardy. Bu başarjaňlygyny duýup, mugallymlaram oňa goldaw berýärdi.

Jahan bilen bir synpda okaýan goňşusy Kemalam oňa ýoldaş bolup, bile sapaklara

taýýarlyk görýärdiler. Günlerde bir gün Kemalyň kitaphana gidesi gelmedi. Kemal:

– Jahan, men-ä bu gün seniň bilen kitaphana gitjek däl – diýdi.

Jahan:

– Näme üçin gitjek däl?

Kemal:

– Dostlarym bilen futbol oýnajak.

Jahan:

– Bor, Kemal.

Kemal:

– Ýöne senden bir zat haýyş etjek, edermiň?

Jahan:

– O nähili haýyş?

Kemal:

– Eger ejem dagy senden «Kemal ýanyňdadymy?» diýip sorasa, «Ýanymdady» diýgin, bormy?

– Beýtsem, meniň ýalan sözledigim

bolar-a.

– Bilýän, kiçijik ýalanyň hiç kime zyýany bolmaz-la. Gaýtam maňa peýdasy deger.

– Aý, bilmedim-dä.

– Haýyş edýän, Jahan, senden ilkinji gezek bir zat soradym-a.

– Bolýar, arkaýyn bolaý.

– Sag bol! Meni gynandyrmajagyňy bilýärdim.

Jahan bilen Kemal şeýdip wagtlaýyn hoşlaşdylar. Jahanyň içini kiçijik gorky gaplap aldy, emma ol:

– Aý, kiçijik ýalan üçin kime näme zyýan ýetsin?! – diýip, öz-özüne göwünlik berdi-de, ýoluna dowam etdi. Ýöne bu wakanyň soňy Jahanyň pikir edişinden düýbünden başgaça gutardy.

Jahan kitaphanadan öýlerine gaýdyp barýarka, ýolda Kemalyň kakasy Mämmet agany gördi. Mämmet aga:

– Jahan, bu gün Kemaly gördüňmi? –

diýip sorady. Jahan:

– Hawa, Mämmet aga, kitaphanada meniň ýanymdady.



– Bor, gyzym, sag bol – diýdi-de, Mämmet aga ýoluna dowam etdi. Jahan kellesi garjaşyk ýagdaýda Mämmet aganyň yzyndan seredip galdy. Onda bu näme boldugyka?

Agşam düşensoň, Mämmet aga Kemaly alyp, Jahanlaryň öýlerine bardy, gapylaryny kakdy. Gapyny Jahanyň kakasy Sapar aga açdy. Mämmet aga bilen Kemal içerik girdi. Sapar aga Kemalyň üst-başyny görüp geň galdy. Sapar aga:

– Eýgilikmi, Mämmet aga, Kemala näme boldy? – diýip sorady.

Kemalyň üst-başy görer ýaly däldi, eşikleri ýyrym-ýyrtykdy. Biri bilen ýakalaşandygy daşyndanam görnüp durdy. Mämmet aga:

– Jahan ýaly dogruçyl gyzyň ýalan sözlänine gaharym gelýär – diýdi. Sapar aga bu bolan waka haýran galyp, dessine Jahany ýanyna çagyrdy. Jahan iki aýtdyrman, kakasynyň ýanyna geldi. Utanjyndan kellesini galdyryp bilenokdy.

Sapar aga:

– Jahan, gyzym, men-ä Mämmet agany diňläp haýran galdym. Onuň aýdanlary dogrumy? – diýip sorady. Jahan:

– Mämmet aga dogry aýdýar, kaka. Men oňa «Kemal kitaphanadady» diýip ýalan sözledim.

Mämmet aga:

– Näme üçin beýtdiň, gyzym? – diýip sorady. Bu soraga Kemalyň özi jogap berdi. Kemal:

– Ony ýalan sözlemäge men mejbur etdim, ýogsam ol ýalan sözlejek däldi.

Sapar aga Jahanyň bu hereketini hem geň gördi, hem-de gynandy. Emma Jahan şeýle ýalňyşy mundan beýläk hiç haçan goýbermejekdigine söz berdi.

## BIR BULGUR SUW

Aman öýleriniň howlusynda oýnap ýördi. Tomsuň yssy günleriniň biridi. Pişikler we itler yssydan ýaňa tapan kölegesinde butnaman ýatyrdy. Her näme-de bolsa, öýüň howlusyna-da kölege gelipdi. Aman özüni şeýle bir oýna beripdi welin, gaty başagaýdy.

Şol aralykda bir garryja daýy geldi-de, köçäniň gyrasynda howlynyň düýbüne düşýän kölegede oturdy. Suwsuzlykdan we yssydan ýaňa onuň agzy kepäp giden eken. Ahyry, Aman onuň haýatyň düýbünde dynjyny alyp oturanyny gördi. Ylgap, ýanyna bardy. Oňa bildirtmän, bir salym seredip durdy. Soňra derrew öýlerine girip, bir eline içi suwly ulurak gaby, beýleki eline bulgury alyp, yzyna çykdy.

Aman:

– Daýy, siziň ýagdaýlaryňyz gowumy? Näme boldy?

Ýaşuly:



– Hawa, oglum, gowy. Howa gaty yssy bolansoň, oturyp, bir salym dynjymy alaýaýyn diýdim.

Aman:

– Size suw getirdim, içjekmi?

Ýaşuly:

– Gaty hoşal bolardym, oglum. Sag bol!

Aman:

– Ýok-la, daýy. Men özümden ululara kömek etmegi gowy görýän.

Aman bulgury suwdan dolduryp, ýaşula uzatdy. Ýaşuly suwy haýaljakdan içip, ýene bir bulgur guýmagyny sorady. Aman guýup berensoň, ony hem içip gutardy.

Ýaşuly:

– Köp sag bol, oglum! Minnetdar!

Aman:

– Bor-la, daýy. Üýtgeşik zat etmedim-ä.

Ýaşuly:

– Oglum, seniň adyň näme?

Aman:

– Meniň adym Aman. Siziň adyňyz näme?

Ýaşuly:

– Meniň adym Öwez. Tanşanymyza şat!

– Menem tanşanymyza hoşal boldum, Öwez daýy.

Öwez daýy:

– Men indi turaýyn. Özüňe gowuja seret, oglum.

Aman:

– Ýoluň açyk bolsun, daýy!

Aman ýaşulynyň yzyndan bir sellem garap durdy. Soňra oýnuna dowam etdi.

Aradan birnäçe gün geçdi. Mekdebe gijä galyp barýandygy üçin, Aman öýlerinden ertirligini edinmän çykdy we ýolda bir zatlar alaryn diýip pikir etdi. Dükana girip, elini jübüsine salanda, pulunyň ýokdugyny, öýden alman çykandygyny bilip galdy. Egnini gysyp, mekdebe tarap ugrady. Şol wagt kimdir biriniň egnine elini goýandygyny duýdy.

– Dur hany, oglum.

Öwrülip seretse, ol kişi Öwez daýy eken.

Aman:

– Wiý, Öwez daýy, salawmaleýkim! Ertiriňiz haýyrly bolsun!

Öwez daýy:

– Waleýkim salam! Seniňem ertiriň haýyrly bolsun, Aman! Me, al. Şuny saňa aldym.

Aman:

– Azara galmaly däl ekeniňiz, Öwez daýy!

Öwez daýy:

– Oglum, mekdebe aç gitmeli däl. Onsoňam, adamlar kyn ýagdaýa düşende, biri-birine kömek etmeli ahyryn.

Aman:

– Dogry aýdýaňyz, Öwez daýy.

Aman Öwez daýa duşanyna örän begendi. Oňa sagbolsun aýdyp, mekdebine tarap ýola düşdi. Ýolda gidip barýarka:

– Hiç bir ýagşylyk ýerde ýatmaz – diýip, içini gepletdi.



## EZIZIŇ OÝUNJAK HASASY

Bu hasa siziň bilýän hasalaryňyza meňzänok. Ony Ezize atasy Durdy aga sowgat beripdir.

Şol gün Eziziň doglan günüdi we ýedi ýaşaýardy. Oňa her kim uzakdan dolandyrylýan maşyn, uçar, oýun ulgamy

ýaly örän gowy sowgatlar alypdy. Ýöne Durdy aga oňa bir hasa sowgat beripdi. Kiçijik Eziz bolsa atasyndan beýle ýönekeýje sowgada garaşmandy. Sebäbi mundan öň ol agtygyna hemişe saýlap-seçip, iň gowy oýnawaçlary alyp berýärdi. Şonuň üçinem, Eziziň biraz keýpi gaçypdy. Doglan gün dabarasy gutaryp, her kim gaýdyşyp ugranda, Durdy aga Ezize:

– Sowgadymy halamandygyňy bilýän. Ýöne ol beýlekilerdenem has gymmatly sowgatdyr – diýdi-de, olam öýüne gaýtdy.

Öý akan-dökän bolupdy. Indi öýi ýygnaşdyryp arassalamagyň wagty gelip ýetipdi. Ejesi Selbi gelneje Ezize we gyzy Aýna seslenip:

– Eziz! Aýna! Hany geliň. Hezil etdik, gyzykly boldy, indi bolsa öýi ýygnaşdyrmaly.

Eziz bilen Aýna otaglaryndan çykyp geldiler. Öý çyndanam akan-dökän bolupdy. Soňra kakalary Bäşim aga-da geldi. Hemmesi bilelikde öýlerini arassaladylar.

Arassaçylyk işleri gutarandan soň, Eziz kakasyna ýüzlenip:

– Kaka, siziň pikiriňizçe, atam bu geň zady maňa näme üçin sowgat etdikä? – diýip sorady.

Kakasy:

– Bilmedim-dä, oglum. Ataň köp ýaşap, köpi gören adam. Ol bir zat diýýän bolsa, ugrunda bardyr.

Az wagtdan Eziz bilen Aýna dişlerini ýuwup, ejelerine we kakalaryna rahat uky arzuw edenlerinden soň, öz otaglaryna gitdiler.

Eziz otagyna girip, hasany görende: «Näme gymmatyň bolsun, ýönekeý bir hasasyň-da!» – diýip hüňürdedi. Ýatýan eşiklerini geýip, düşegine geçdi welin, bir tykyrdy eşidildi. Soň ýene-de bir ses eşidildi:

– Sen daş keşbe gaty çalt aldanýan ekeniň-ow!

Eziziň ýüregi ýarylyp, düşeginden böküp

turdy-da, çyrany ýakdy. Birdenem hasanyň edil baş ujunda durandygyny gördi.

Eziz:

– Gürleýän kim?! Häziriň özünde orta çyk!



Hasa:

– Şol-a men.

Eziz örän geň galypdy, atasynyň sowgat eden hasasy hakyt gürleýärdi. Dogrusy, ol birbada gorkupdy.

Hasa:

– Näme boldy? Geň göräýdiň öýdýän.

Eziz:

– Hawa, geň görmez ýalymy?!

Hasa:

– Gorkuzan bolsam, bagyşla! Ýöne ýaňky sözleriň göwnüme degdi. Men seniň diýşiň ýaly ýönekeý hasa däl.

Eziz:

– Ol sözlerim üçin menem senden ötünç soraýan.

Hasa:

– Eziz, ýör, seniň bilen biraz aýlaň-çaýlaň edeli. Alada etme, gidenimizden hiç kimiň habary bolmaz.

Eziz:

– Bolýar. Nirä gideli?

Hasa:

– Sen meniň näme işe ýaraýandygymy beri bilýäňmi?

Eziz:

– Hawa, bilýän. Sen ýöremekde kynçylyk çekýän uly ýaşly adamlara kömek edýärsiň.

Hasa:

– Berekella! Häzir seniň bilen ýaşuly adamlaryň ýaşaýan ýerine gideris. Saňa olaryň çekýän kynçylyklaryny görkezjek. Onsoň sen şony dostlaryňa aýdyp berersiň.

Eziz bilen hasa, bileje, ýaşulularyň ýanyna gitdiler. Ýaşulular oturyp, öz aralarynda derdi-nişýärdi. Olaryň biri beýlekä garap:

– Görýäňmi, meniň çagalarym ýene yzymdan gelmedi – diýdi.

Başga bir garryja mama bolsa:

– Menem näçe wagt bäri agtyklarymy

görüp bilemok – diýdi. Eziziň gözi ýaşardy. Ol hasa seredip:

– Hasa, bu ýerde nämeler bolup geçýär?

Hasa:

– Bu ýer garrylar öýi. Käbir ýaşulular şu ýerde ýaşaýarlar. Ýöne çagalary we agtyklary olary görmäge gelenoklar. Olaram bu ýagdaýa gaty gynanýarlar.

Eziz:

– Men olar üçin näme edip bilerin?

Hasa:

– Irden mekdebe baranyňda, mugallymlaryňa we dostlaryňa gören zatlaryňy gürrüň ber. Soňam üýşüp, şu ýere geliň.

Eziz oýananda, eýýäm daň atypdy. Ol mekdebe baryp, mugallymlaryna we dostlaryna gören zatlaryny aýdyp berdi.

Mugallym:

– Ýörüň onda, çagalar, beýle bolsa bizem ýaşulularymyzy görmäge gideliň-de, olary azajygam bolsa begendireliň – diýdi.



## KITAPHANA GORKUSY

«Daşyndan şeýle sowuk görünýän binanyň içi nähilikä? Içi hem daşy ýaly gorkunçmyka?» – diýip, Aman her gezek şäher kitaphanasynyň öňünden geçende pikir edýärdi. Kitaphana gorkusy ony tutuşlygyna gurşap alypdy.

Amanyň ejesi Gözel gelneje onuň bu gorkusyndan habarlydy. Oglunyň bu

gorkyny ýeňip geçmegi üçin elinden gelenini edýärdi.

Gözel gelneje:

– Oglum, näme üçin kitaphana gidesiň gelenok?

Aman:

– Eje, kitaphana maňa gaty gorkunç görünýär.

Gözel gelneje:

– Nämesinden gorkýaň, oglum?

Aman:

– Sebäbi, eje, kitaphana örän sowuk we mähirsiz görünýär.

Gözel gelneje:

– Ýöne, oglum, ilki içine bir girip gör-dä!

Aman:

– Bilemok-da. Içi hem daşy ýaly gorkunç bolaýmasa...

Gözel gelneje:

– Isleseň, ýör, bile gideli.

Aman:

– Eje, ol ýerde bir erbet kitaphana işgäri barmyş.

Gözel gelneje:

– O näme diýdigiň?

Aman:

– Mekdepdäki käbir dostlarym aýtdy.

Gözel gelneje:

– Näme diýdiler?

Aman:

– Kitaphanaçylaryň ýüzi agyr bolýar, özleri hem şeýle bir mähirsiz diýýärler.

Gözel gelneje:

– Olar ýaly zat ýok, Aman. Dostlaryň başgalardan eşiden zatlaryny aýdaýandyrlar.

Aman:

– Çyndanammy?

Gözel gelneje:

– Ynanmasaň, ýör, bile gidip göreli!

Aman:

– Bor, eje.

Aman şol gün ejesi bilen şäher kitaphanasyna gitdi. Kitaphananyň içiniň daşyndan görnüşi ýaly däldigine göz ýetirdi.

Mundan başga-da, kitaphanaçynyň dostlarynyň aýdyşy ýaly ýüzi agyr we mähirsiz däldigini hem öz gözi bilen gördi. Tersine, ol güler ýüzli eken. Hatda olara çagalar üçin kitaplary gözleşmäge-de kömek etdi.

Aman şunça wagtlap näme üçin beýle zatlara ynanandygy hakda pikirlenip, gaty ökündi:

– Eje, şeýle ajaýyp ýere has öň gelen bolsadym...

Gözel gelneje:

– Hawa, oglum, dogry aýdýaň. Kitaphanalar ylym-bilimiň öýüdir. Olardan aňry ýany bilen peýdalanmak gerek.

Aman:

– Men indi hemişe şu ýere geljek.

Aman kitaphana bilen tanşan gününden soň her gün ol ýere gatnap ugrady.



## KEKENE

Ýaz geldi. Howludaky garlar eredi. Güller açylyp, agaçlar we hemme ösümlikler gülläp ugrady. Diňe ösümliklere jan girmän, eýsem haýwanlaram gyş ukusyndan oýanyp başlady.

Atajan gyş paslynyň gutaranyna gynanypdy, ýöne ýaz paslynyň beýle joşgunly gelmegi onuň gynanjyny begenje

öwrüpdi. Ýazyň gelmegi Atajanyň kakasy Ýazgeldi aga bilen Jeren gelnejä-de täsir edipdi.

Ýazgeldi aga:

– Keýwany, ýazam geldi. Ýeri agdaryp, agaçlaryň düýbüni ýumşadaýsak näderkä?

Jeren gelneje:

– Dogry aýdýaň, kakasy. Ertir irden başlaly.

Atajan näme sebäpden agaçlaryň düýbüniň ýumşadylyp, ýeriň agdarylmalydygyna düşünenokdy.

Atajan:

– Kaka, ýeri näme üçin agdarmaly?

Ýazgeldi aga:

– Ýeri agdarsak, toprak dem alýar. Şonda agaçlaram has gowy miwe getirýär.

Jeren gelneje:

– Kakaň dogry aýdýar. Gyşyna toprak ýeterlik suw içýär, ýöne dem alyp bilenok.

Atajan indi has gowy düşünýärdi. Ertesi gün Ýazgeldi aga bilen Jeren gelneje mellege girip, ýeri agdaryp başladylar.

Atajanyňam ejesine we kakasyna kömek edesi gelýärdi. Bileleşseler, iş has çalt dynar diýip, olaryň ýanyna gitdi.

Ýazgeldi aga:

– Gel, oglum. Geleniň gowy bolaýdy.

Jeren gelneje:

– Hawa, oglum, tüýs wagtynda geldiň.

Atajan ejesi bilen kakasynyň bu sözlerine monça bolup, hyjuw bilen işläp başlady.

Bulary görüp, guşlaram, olara daşyndan begenýän ýaly, saýraşdylar.

Mellekdäki guşlaryň saýrak sesleri Atajany has-da joşdurýardy. Özüne berlen soňkuja ýumşy hem ýerine ýetirdi. Kätmeni ýerine goýanda, birden eline bir kekenäniň gonandygyny gördi. Ylgap, ejesiniň ýanyna barmak isledi, ýöne kekene uçaýmasyn diýip ýuwaşjadan ýöräp gitdi.

Atajan:

– Eje, seret, elime kekene gondy!

Jeren gelneje:

– Kekene örän owadan jandardyr.

Ýazgeldi aga:

– Eliňe kekene gonsa, bu ýylky işleriň şowuna boljagydyr.

Atajan:

– Hemmämiziň işleriniň şowuna bolmagyny arzuw edýän.

Atajan bu sözlerini aýdyp gutaran badyna, kekene uçup gitdi.

Ýazgeldi aga:

– Kekene seni eşitdi öýdýän, Atajan.

Atajan:

– Belki eşidendir. Dilegimiň kabul bolmagyny umyt edýän.

Jeren gelneje:

– Hany, işli-işimiz bilen bolalyň. Işlerimiziň ugruna bolmagy üçin diňe dileg etmek

ýeterlik däl. Onuň üçin tijenip işlemegem gerek.

Ýazgeldi aga:

– Ejeň dogry aýdýar, Atajan. Hökman zähmet çekmeli.

Jeren gelnejäniň begenjiniň çägi ýokdy. Diýýän zatlary hem dogrudy. Işleriň ugruna bolmagy üçin diňe dileg etmek ýeterlik däldi. Onuň daşyndan, işlemegem gerekdi.



## TEBIGY DÖKÜN

Ýer agdarylyp bolnandan soň, toprak dem aldy. Indi gezek tohum sepip, dökün bermäge ýetipdi. Ýazgeldi aga bilen Jeren gelneje-de bu barada gürleşip otyrdylar.

Ýazgeldi aga:

– Keýwany, bu ýyl emeli dökün ulanmasak diýýän.

Jeren gelneje:

– Onda näme edeli?

Ýazgeldi aga:

– Gündizlerine towuklary, gazlary we ördekleri mellege goýbereli.

Jeren gelneje:

– Bolarmy şeýtsek?

Ýazgeldi aga:

– Hawa, gowam bolar.

Atajan ejesi bilen kakasynyň näme gürleşýändiklerine düşünjek bolýardy, ýöne başaranokdy.

Atajan:

– Eje! Kaka! Siz näme barada gürleşýäňiz?

Ýazgeldi aga:

– Mellege dökün bermek barada, oglum.

Atajan:

– Onsoň, mellege dökün bermek bilen kümedäki haýwanlaryň näme baglanyşygy bar?

Jeren gelneje:

– Oglum, kümedäki haýwanlar tebigy dökün berýär-dä.

Atajan:

– Çyndanam? Gowudygyny!

Jeren gelneje:

– Ýöne beýtsek, mellek öte yslanmazmy?!

Ýazgeldi aga:

– Keýwany, esasy zat melleginň yslanmazlygy däl-de, sagdyn önümler bilen iýmitlenmek ahyryn.

Jeren gelneje:

– Onda sizem maňa kömek etmeli bolarsyňyz.

Ýazgeldi aga:

– Bolýar, keýwany. Kömek ederis.

Jeren gelneje:

– Söz beriň. Soňundan işden gaçmaly däldir, bormy?

Atajan:

– Söz berýän, eje, höwes bilen kömek ederin.

Ertesi gün kümedäki towuklary, gazlary we ördekleri mellege çykardylar.



Olar öň kümäniň daşyna çykyp görmedik ýaly tolgunyşdylar. Esasanam, horaz begenjinden ýaňa uçýan ýaly, ondan-oňa bökýärdi. Haýwanjyklar irdenden agşama çenli, tä nahar iýilýänçä, ondan oňa gaýmalap, ylgaşlap geçdiler.

Arassa howa haýwanlara bolşy ýaly, kümä-de gowy ýarady. Ýazgeldi aga hem-ä kümäni ýelejiretdi, hemem haýwanlaryň hapasyny daşaryk çykardy.

Ýazgeldi aga kümäni ýelejiredýänçä, haýwanlar gaçyp gitmez ýaly, Atajan olara göz-gulak boldy. Jeren gelneje bolsa haýwanlar içer ýaly suw daşady.

Ýazgeldi aga:

– Keýwany, haýwanlary indi kümä salaýaly, garaňky düşüp barýar.

Jeren gelneje:

– Bolýar, kakasy.

Atajan:

– Kaka, maňa kömek ediň-dä!

Haýwanlary ahyry salyp boldular. Her kim gaty ýadady.

Jeren gelneje:

– Topraga şeýdip dökün bermek peýdaly iş, ýöne adamy gaty ýadadýar.

Ýazgeldi aga:

– Dogry aýdýaň, keýwany, ýöne şoňa görä sagdyn önümler iýip, hözirinem görýäris ahyryn.

Ýazgeldi aga bilen Jeren gelneje şu gürrüňleri edýärkä, Atajanyň hem begenjiniň çägi ýokdy. Ol ýerine geçip geçmänkä, uklap galdy.